# Ýyllara gurban

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýyllara gurban Gün kerweni çekip aýdan-aýlara,
Altmyşa aşyran ýyllara gurban.
Durmuş synagyndan sag-aman geçip,
Eñekde agaran gyllara gurban.

Oglanlygyñ, ýigitligiň nysagy,
Göwün galkymynyñ bolmaz hiç çägi,
Heselli miwelen bark urýan çagy,
Ýigrimi ýaşdaky güllere gurban.

İlki ilkiler-ã «çaga» diýdiler,
İne-de bir günem «aga» diýdiler,
«Kakadan»soñ «ata» «baba» diýdiler,
Şol dillerden damýan ballara gurban.

Parhy bolmaz garry bolsun, ýaş bolsun,
Ýa uly, ýa kiçi, deňi duş bolsun,
Köplere diýdiler uzak ýaş bolsun,
Söýgüli-senaly dillere gurban.

–Entek-entek juwan ýaly joş-diýip,
–Ýüz ýaşada-da ýadatmasyn iş-diýip,
–Gutly bolsun agam altmyş ýaş-diýip
Elimi berk gysan ellere gurban.

Ýagşyny ýamany oňat seljerýän,
Her demde halyña hemaýat berýän,
Ata-ene bolup kükregin gerýän
Apy-arkadagym illere gurban. Goşgular